"TASSYKLAÝARYN"
Maýa Kulyýewa adyndaky
Türkmen milli konserwatoriýasynyň
ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky
Türkmen Döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň
direktory ____________ M.B.Kerimow
"__03__" ___fewral___ 2026ý.

**Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen Döwlet ýörite sazçylyk mekdebi tarapyndan "Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany" ýylymyzda 8-mart Halkara zenanlar gününe bagyşlanyp talyp ýaşlaryň arasynda geçirilýän "Talyp gözeli-2026" atly bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

## 1. Bäsleşigiň maksady.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe **"Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany"** ýyly diýip yglan edilmegi mynasybetli, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň talyp ýaşlar barada edýän bimöçber aladalaryndan we berýän gymmatly maslahatlaryndan ugur alyp, mekdebimiziň talyp gyzlarynyň arasynda 2026-njy ýylyň 20-nji fewralynda Ýurdumyzyň Garaşsyzlydynyň şanly 35 ýyllygy we Halkara Zenanlar güni mynasybetli, milliligimizi ýaş nesillere wagyz etmek, mähriban enelerimize, gyz-gelinlerimize hormat goýmagyň ajaýyp nusgasyny görkezmek we gyzlarymyzyň milliligimize mahsus bolan asyllylygyny, buýsançlylygyny äşgär etmek, keşdeçilik sungaty boýunça el işleriniň, däp-dessularmyzyyň ähmiýetini açyp görkezmek, alaja örmek, keşde çekmek, halyçylyk sungatymyza sarpa goýmak, halk döredijiligimizi ýaş nesillere ündemek maksady bilen geçirilýär.

## 2. Bäsleşigiň geçiş tertibi we şertleri.

1. Bäsleşik 2026-nji ýylyň Fewral aýynyň 20-ne sagat 10:00-da Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde geçiriler.

2. Bäsleşige mekdebimiziň ähli bölümleriniň talyp gyzlary okuw ýylyna garamazdan gatnaşyp bilerler.

3. Bäsleşik aşakdaky şertler boýunça geçiriler:

1. "Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany" ýyly şygarynyň many-mazmunyny çeper dilde beýan bilen özüňi tanyşdyrmak, ýylymyzyň joşgunly owazyny hünäri esasynda, aýdym, goşgy, sahna

çykyşlary ýerine ýerirmek bilen öz ussatlygyny görkezmeli (çykyş edýän talybyň sany 1 gatnaşyjy, wagty 2-minut).

2. Ene-mamalarymyzyň gyz maşgala degişli birnäçe nesihatlaryny aýdyp berip, keşde çekmek, jorap örmek, el işlerini görkezmek. Durmuşda ornaşdyrylşy barada öz mysalynda subut edip görkezmek. (çykyş edýän talybyň sany 1 gatnaşyjy, wagty 3-minut).
3. Gahryman Arkadagymyzyň "Ömrümiň manysy" we "Ömrümiň manysynyň dowamaty" kitaplaryndan beýan edilen mysallaryň (hadysalaryň) birini aýdyp bermek, manysyny düşündirmek. (Gatnaşyjy 1 talyp, goşmaça 4 talyp. wagty 5-minut).

Bäsleşik bir tapgyrdan ybarat bolar.

Bäsleşikde çykyş etmek tertibi bije esasynda kesgitlenilýär.

Bäsleşige gatnaşýan talyp gyzlar türkmen milli egin eşikde bolmaly.

## 3. Bäsleşigiň ýeňijileriniň sylaglanyşy.

Bäsleşigiň eminler topary tarapyndan her ugur boýunça I, II we III orunlar kesgitlener. Bäsleşigiň ýeňijileri hormat hatlary we mekdebimiziň Ýaşlar guramasy tarapyndan ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanarlar.

Eminleriň çykaran netijeleri gutarnykly bolup, gaýtadan seredilmeýär.

**Bellik:** bäsleşige gatnaşmak isleýän talyplar 2026-njy ýylyň fewral aýynyň 10-na çenli mekdebiň Zenanlar guramasyna bellik etdirmelidir.